# »Birkemsiz gözel ýok« diýenmişinler…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
''Birkemsiz gözel ýok'' diýenmişinler… »BIRKEMSIZ GÖZEL ÝOK« DIÝENMIŞINLER



»Birkemsiz gözel ýok» diýenmişinler,
Belki, şol gözelem däldir birkemsiz,
Belki, iş edende ýokdur usuly,
Belki-de özüni söýýändir çensiz.
A sen weli, ýöräp barýañ şadyýan,
Göni bakyp adamlaryñ ýüzüne.
Tur, otur sen, kitap oka, suw daşa,
Sen mydama ýeke-täk meniñ gözüme.

Sen gözel däl, sen köpleriñ biri sen,
Sen gözel däl, sen ömrümiñ ykbaly.
Bolubersin gözelleriñ ýetmezi,
Sen gözel däl, kemçiligiñ bor ýaly.

Gurbannazar EZIZOW Goşgular